# Özüñi görkezjek bolma arzuwy

Category: Kitapcy,Medisina,Publisisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Özüñi görkezjek bolma arzuwy ÖZÜÑI GÖRKEZJEK BOLMA ARZUWY




Siziñ ünsüñizi iñ köp näme çekýär:
Adamlaryñ el telefonlary bilen dynuwsyz özlerini surata almaklary bolup bilermi?
Şuny öz gözüm bilen gördüm:
«Saçym üýtgäýmesin» diýip, ýaş gyzlar deñize, serhowuza diñe ýarpy billerine çenli girip, selfi çekýär!
Ýaşlaryñ bu bolşuna düşünmek bilen garaýaryn! Ýetişip gelýän oglan-gyzlar köplenç köpçülikleýin ýerlerden özlerini oñladasy

gelýär. Şunuñ bilen baglanyşyklylykda ego gözleginde aýratynam deñ-duşlarynyñ beren bahasydyr ýazan teswirlerine köp üns berýäfler. Olaryñ bar bilýän zady sahypasyna seredýänler (prosmotrlar) we agza sany! (Angliýanyñ «Guardian» gazetiniñ 2015-nji ýylda geçiren barlaglarynyñ netijesi ýaş gyzlaryñ göze gelüwlije görünmeýän fotosuratlary sosial mediýa sahypalarynda paýlaşmaýandygyny, paýlaşýanlaryndan bolsa prosmotrlaryñ we laýklaryñ gönüden-göni olaryñ özüne bolan ynamlaryna täsir edýändigini görkezdi! Şonuñ üçinem… Iñ gowy pursaty ele salmak üçin azyndan elli gezek surata düşýärler…)
Ýogsa-da… Uly ýaşly aýallara nä döw çaldy? Bireýýäm orta ýaşdan geçen aýallaram laýk toplama, özlerini halatma derdinde!




Şuny bilenoklar:
Peýwagtynadan hökmanylyga öwrülen Instagramda fotosurat-wideo paýlaşmak, görünjek bolmak duýgusy adamy özünden daşlaşdyryp, kesekileşmegine sebäp bolýar.
Laýklaryň, «haladymlaryň» sany indi aýallaryň sosial statusyny kesgitlemegiň serişdesine öwrülip barýar. Adamlar muňa özüni aldyrdy. Şonuň üçinem…
Owadanlyk kimligiň nyşanyna öwrüldi:
«Görmegeý, gelşiklije bolmasaň, saňa laýk goýýanam ýok, «haladyma» basýanam ýok, saňa seretjek bolýanam ýok!»
Ýagny, diňe «görünjek bolanyň» ýeterlik däl.

«Görünmegiñ» ýeke-täk prinsipi «has owadan görünmek saýylýar! «Has owadan» bolsa şu manyny añladýar: «Has bagtly!».
Munuñ añsat ýoly Instagramdan geçýär: «haladyma» basýanlaryñ sany indi owadanlygy kesgitleýär! Bu nämüçin beýle ýokanç kesel ýaly ýaýrap gidiberdi?
Sarp edijilik industriýasy owadamlygy ierarhiýa öwürdi!




**• Ölçege ýeñilen aýal**

Gözegçilk-syn ediş diñi bolan sosial mediýa aýal-gyzlardan näme diýseñ edip duran ten isleýär!
Aýal «ölçege» boýun egdirilýär:
– Topugyndan göbegine çenli aralyk şular ýalyrak bolmaly…
– Göbeginden depesine çenli aralyk şular ýalyrak bolmaly…
– Gerdenden tirsege, tirsekden bilege aralyk şular ýalyrak bolmaly…
– Iki gözüñ arasy şular ýalyrak bolmaly…
Bu ölçegler, derejelr gutararly däl: dişler, eller, barmaklar…
Has uly göwüs, has kiçi göwüs…

Has ýogyn billi, has inçe billi…
Has uly sagryly, has jaýtaryp duran sagryly…
Yzy gutaranok.
Günbatar jemgyýetlerinde «ten owadanlygy» we konserwatiw jemgyýetlerde «ýüz owadanlygy» gözlenýär! (Dini ynanjy sebäpli başy ýaglykly ýa bürenjekli aýalyň ýüzüniň boýag çelegine dönmeginiň we estetiki operasiýa etdirmeginiň başgaça nähili düşündirişi bolup biler?)




Orta asyr Ýewropasynda aýal-gyzlar tenlerini agartmaga

synanyşan bolsa, XX asyryñ başynda «Coco Chanel» nusga alynyp, bürünçsöwleşdirmäge çytraşyldy.
50-nji ýyllarda «balyk etli» Merilin Monro gözellik ikonasy bolan bolsa, 60-njy ýyllarda has çepiksije manken Twiggy rol-model boldy! Hem azatlygyñ simwoly edildi duruberdi!
Ine… Aýallaryñ «görgüsi» häzir Instagram bilen dowam edýär. Ten bilen açylan gatnaşyk häzir Instagramyñ üsti bilen barha kynlaşdyryjy görnüşde azap talap edýär!
Aýal sarp edijilik medeniýetiniñ boýnuna zor bilen dakan owadanlyk idealyny satyn almaga dyrjaşýar. Çünki aýallaram indi öz owadanlygyny baýlyga, pula, wezipä, derejä, awtoulaga, jaýa ýetmegiñ serişdesi hökmünde görýär. Aýal üçin owadanlyk şan-şöhrat we baýlyk bilen çalşyrylýan «gymmatlyk»! (Hoş geldiñ Kant: «Aýal diñe özüni owadanlamak bilen wagtyny geçirmeli, onuñ kämilleşmeginiñ geregi ýok!»).
Aýaly diñe jynsy funksiýasy bilen çäkli tutýan bu garaýyş bilen aýal özüni hemişe pes hasaplajakdyr!
Şeýle:




- **Süzgüçli owadanlyk**

«Nusgalyk aýal» sosial mediýany döredýär…

Owadanlygyna pul sowmaýan aýala uly basyşlar edilýär, özüne bolan ynamy ýok edilýär, netijede onuň özüni «ilden kem» hasaplar ýaly ýagdaýa getirilýär.

«Unilever» şahsy bezeg markasy «Dove» 2017-nji ýylda Türkiýe «özüňe göwnüýetijilik» boýunça barlag geçirdi:

– Ýaş gyzlaryň bary-ýogy 11%-i özüni owadan hasaplaýar. (Dünýä boýunça aýallaryň 4%-i özüni owadan hasaplaýar).

– Ýaş gyzlaryň 72%-i owadan bolmak gerekdigi ýaly güýçli basyş

duýýar.
– Aýallaryñ 80%-i islendik aýalda bir owadanlyk bardygyny pikir edýär, emma muny özünde görenok.
Şeýle ruh ahwalatyndaky aýal-gyzlar näme edýär: Birkemsizlik umydyndaky aýal-gyzlar owadanlyk industriýasyna ýeñiler ýaly edilýär.
Şonsuzam…
«Makiýaž» sözüniñ manysy «aldamak» dälmi näme?
Kapitalizm kosmetika industriýasyny her ýyl ulaldyp barýar.
A medisina dünýäsi näme? Rehim-şepagatsyz we üznüksiz bäsdeşlikden bizary çykan-ýadan aýal soñky nepesini operasiýahanalarda durlaýar…
Gelinen netije şu:
Psiholog professor Edward Tori Higginsiñ pikiriçe adamlaryñ üç ego nokady bar:
– Hakyky meni;
– Bolmak isleýän ideal meni;
– Bolmaga mejburdyr öýdülýän mejbury meni.




Bularyñ arasyndaky garpyşyk adamyñ özüni ähmiýetsiz duýmagyna sebäp bolýar.
Adam bu oñaýsyz duýgusyndan halas bolmak üçin urnup geçýär.
Häzir «göwnüçökgünligi» ýok etmegiñ birinji serişdesi sosial mediýa: Gelsin «birkemsiz» görkezýän «süzgüçli owadanlyk»…
Iki owadan aýal, dostlarym Ebru Güzel bilen Esra Çizmeji ajaýyp barlaglary geçirip, kitap ýazdylar: «Süzgüçli owadanlyk» («Filtreli Güzellik»).
Okamagyñyzy maslahat berýärin.
Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 24.08.2018 ý. Publisisistika